# Musa direlip gelse!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Musa direlip gelse! MUSA DIRELIP GELSE!




Dünýäniñ 208 ýurdundan 7 milliard 888 million adam biragyzdan: «Doganlar, siz saryýagyz, garaýagyz, akýagyz, bugdaýreñk, gyýyk gözli bolandygymyza seretmäñ, häzir biziñ hemmämiz palestinaly!» diýen batly ses çykmady.
Doganlarym! Seretmäñ, meniñ Amerikada ýaşaýan jöhitdigime, häzir men palestinaly.
Doganlarym! Seretmäñ, meniñ fransuzdygyma, häzir men palestinaly.
Doganlarym! Seretmäñ, meniñ nemesdigime, häzir men palestinaly.
Doganlarym! Seretmäñ, meniñ gyýyk gözli hytaýlydygyma, häzir men palestinaly.
* * *

Doganlarym!
Seretmäñ, ugandalydygyma, liwiýalydygyma, russiýalydygyma, ýaponiýalydygyma, kubalydygyma, mongoliýalydygyma, koreýalydygyma, litwalydygyma, norwegiýalydygyma, finlandiýalydygyma, gürjüstanlydygyma, wengriýalydygyma,

eskimosdygyma, ukrainalydygyma, polşalydygyma, häzir men palestinaly.
Doganlarym! Seretmäñ, meniñ türkdügime, türkmendigime, häzir men palestinaly.

* * *

Doganlarym! Biziñ palestinalylar bilen göbegimiz bile dañylmadygam bolsa, hiç birimiz toba edip ýa kefarat berip bu genoside göz ýumup bilmeris.
Doganlarym! Biz şu dünýäniñ adamlary bolup, gabalyp goýlan gabygymyzyñ içinde öz içimiziñ alagarañkylygynda Palestina çiññerilip: «aý barybir olar ölmeli, hiç kimem kömek edenok» diýip bilmeris.

* * *

Doganlarym! Musa pygamberiñ gelerine garaşýarsyñyzmy? Jöhitleriñ pygamberi Musa direlsin, hasasyny süýräp Gazä gelsin, keramatly halas edişlik bilen palestinaly çagalary we aýallary yzyna tirkäp Ortaýer deñzini ýaryp geçirip, olary Türkiýäniñ üstünden Ýewropa, Ýewropanyñ üstündenem Amerika äkitsin. Musa şeýdip Ysraýylyñ gözüne gan bürän, dinçi, faşistik diktatorynyñ kartany üýtgetmek meýilnamasyna arhitektorlyk etsinmi?
Doganlarym! Aýaga galyñ.




* * *

Gazedäki «ölüm gysajyna» garşy çykan futbolçy El-Ghazi toparyň düzüminden çykaryldy. Futbolçy Karim Benzemanyň fransuz raýatlygyndan çykarylmagy talap edildi. Germaniýanyň Potsdam unuwersitetiniň rektory Oliwer Gýuntere garşy linç kampaniýasy geçirildi. «Biziň hemmämiz dogan!» diýen modelýera gyz Jiji Hadide «seni öldüreris» diýip haýbat atyldy. Dünýäniň iň uly Frankfurt kitap sergisi palestinaly ýazyjy Adaniýa Şibliniň hormatyna baýrak gowşuryş çäresini geçirjekdigini alty aý öňünden yglan edipdi. Açylyş güni sergini alypbaryjy «Ysraýylyň tarapdarydygyny» yglan edip, baýragy gowşurmady. Ysraýylyň Palestina çozmagyna garşy çykan türk kompozitory Fazyl Saýyň Ýewropadaky konsertleri ýatyryldy. Hezreyi Musa ýanyna Hezreti Muhammet bilen Hezreti Isany alyp dünýämize dolanyp gelsedi: «Doganlarym! Wyždansyz dünýäniň gurulyşyna çommalyp sessiz tomaşa edip duraýşyňyzy!» diýerdi.




* * *

Bu nämäniñ urşy? Din urşy diýseñ, olam däl. Dünýäniñ müñ ýarym ýyllyk buthanasy Gazada ýerleşýär. Ysraýyl goşuny şol buthanany-da bombalady. Buthana sygynan 150 adamy-da öldürdi. Ysraýyl istrebitelleri Gazada «Omarly» metjidini-de urdy. Jemi ýedi buthana, on bir metjit bombalandy. Bu medeniýetler urşy diýseñ, olam däl. Medeniýet duşmanyñy mugallyma öwürýär, duşmanyña öwürmeýär. Ysraýyl «Hamasa» öwrüldi. ABŞ, Angliýa, Ýewropa bolsa Netanýahuwa öwrüldi. Netanýahu «ysraýyl halkyna howp abanýar» diýýär. Netanýahu bilen gujaklaşyp surata

düşenden soñ ABŞ-na dolanan Baýdenem «amerikan halkyna howp abanýar» diýýär. Iñlis premýer-ministri-de Netanýahuwa öwrüldi. ABŞ 2005-nji ýyldan bäri Ysraýyla 65 milliard dollara barabar harby kömek berdi. «F-35» uçarlaryny bilelikde öndürýänem bolsa, Türkiýä bermedi, emma Ysraýylyñ Harby-howa güýçleri «F-35»-i birinji bolup ulanan ýurt boldy. Gazäni urmak – Eýrany dündermegiñ urşy.

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 22.10.2023 ý. Publisistika